# Ýazsam okarlarmyka? / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýazsam okarlarmyka? / hekaýa ÝAZSAM OKARLARMYKA?

Gülsün ejäniň aýtmagyna görä, men doglamda üç günläp dynman aglapdyryn. Soňam, hawa soňam ýylgyrypdyryn. Şondan bärem şo ýylgyryp ýörşüm. Adamlar bolşumy görüp geňläpdirler. Hat-da uzak ýaşamaz öýdenlerem bolupdyr. Ýöne Jüýten kempir ýüzüme kän wagtlap seredip şeý diýipdir.
– Muňa hiç zat diýmäň, öz ugruna goýberiň. Ýa-ha mundan bir zat çykar, ýa-da ýurt samsygy bor… Kellesinde bir ýetmez bar…
Hiç haçan ýalňyşmadyk Jüýten garry şo gezegem ýalňyşmandyr. Elbet-de, ýurt samsyg-a bolmadym, ýöne beýle bir akyllam bolup bilmedim. Şeýle bolamsoň bahym adymyň gapdalyna "aňkow" diýen ýarlygy ýelmediler. Iki-ýeke Gülsün eje ýaly adamlar bolaýmasa indi öňki Öwekge adymyň ýerine hemmeler Aňkaw diýip tutýarlar. Munuň üçin hiç kimden gaty göremok. Halk ýalňyşmaýar. Aňkow bolsaň "aňkow" diýýär, sag bolsaň "sag" diýýär.
Ýöne men şeýle hem bolsam, köpçülige goşulmaga doly hakym bardy. Bir-ä işden gaçmazdym, birem ýalan sözlemezdim. Şonuň üçin Taýmaz mugallym sapagymy okaman gelsemem käýemegiň deregine şeý diýýärdi.
– Aňkow, dogry sözüň üçim men saňa hiç zat diýjek däl…
Beýleki okuwçylar bolsa sapklaryny bilmeseler her hili bahana tapýardy. Kimsi "dişim agyrdy" diýýärdi, kimsi "öýmüze myhman gelli" ýa bolmasa, "jigim päsgel berdi" diýýärdi.
Meniň sapagymy okamaýanlygymyň sebäbi, aňkowyragam bolsam şol döwürler durmuşyň iň kyn ýoluna düşüpdim – kitaby söýüpdim. Meň üçin çeper esereler mekdepde okadylýan sapaklardan has gyzykly ýaly bolup görünýärdi. Şo imrinme-de meni okadylýan sapaklardan kän ünsümi sowýardy. Ondanam başga men ýene bir zada – durmuşyň iň kyn zadyna ýaş başymda duçär bolupdyr.
Men öň söýgümi ýa başga bir zatdygyny biljek däl. Men gyzy ilkinji ýola göremde oň akjalygyny Gülsün ejäniň täret kylýan kündügine meňzedipdim. Sebäp Gülsün ejäniňem kündügi hemişe şo

gyzyň ýüzi ýaly akjady. Soň men o gyza öwrenişip başladym. Hat-da töwerekdenem gabanýardym. Sebäp sapakda otyrkam biri-birimize gözümiz kaklyşanda, ol husytja ýylgyrýardy. Şojagaz ýylgyrmagy köp zatlara wada berýän ýaly bolýardy…
Şeýdip günler geçip durdy. Günler bilen bile ömürem geçýärdi. Indi men sapagymy bilmämsoň ikilikçi adyna eýe bolupdym. Çärýekden çärýege-de Gülsün ejäni sylansoňlar geçirýärdiler. Ýöne bir gezek obamyz hakynda erkin düzme ýazamda mugallymymyz gysgansa-da semiz üçlik goýdy. Hat-da ony okuwçylaryň öňünde-de ýüz görmän aýtdy.
– Aňkowyň ýaramaz okaýandygyny siziň hemmäňiz bilýäňiz. Şonuň üçin oň tertibini, özüni alyp barşyny göz öňüne tutup semiz üçlik goýdum. Ýöne ol dörtlügem alyp biljek…
Ýöne şo gezek üçlik alanam bolsam, goşgymyň ömri bäşlik alanlaryňkydan has uzak bolly. Bäşlik alanlaryň goşgusy sapak gutaransoň ýatdan çykdy. Meň goşgym bolsa gum içinde henize çenli ýaşap ýör. Ýalňyşmaýan bolsam goşgy şeýle başlanýardy öýtýän.

Bizem dogulypdyk şo garyp oýda,
Selinli-sazakly ili Ýerbendiň,
Çöketleri bölek-bölek bölüner,
Özbaşyna gezer maly Ýerbendiň.

Mugallymmyzyň “tertibine seredip” diýmesiniňem öz sebäbi bar. Biz eýýäm ýokarky synpda okap ýörkäk Akmaral – ol şo husytja ýylgyrýan gyz – elindäki birtopar syýaçüýşeli gaby gaçyryp döwdi. O döwürler biz haty ruçkany syýadana batyryp ýazýardyk. Mugallym gapydan girip döwülgi ýatan syýaçüýşeleri görüp gaharly gepledi.
– Kim bu işi eden!
Hiç kim gürlemedi. Muňa hasam gahary gelen mugallym gaty gygyrdy.
– Men sizden syýaçüýşeleri kim döwdi diýip soraýan!
Mugallymymyz üçinji ýola gygyrmaly bolmady. Men tarsa ýerimden gallym.
– ..

– Şeýlemikänem diýdim-le…
Ol şeý diýip maňa tarap ýönelende, synpymyzyň içinde çalaja agy sesi eşidildi. Aglaýan Akmaraldy. Mugallym maňa ýetmän saklandy-da, gyza tarap geň galyjylykly dillendi.
– Men-ä düşünen däldirin. Käýýelýän biri, aglaýanam başga biri. Bu nähilaýt…
Ömür geçiň öň aýagy ýaly bolup ýören Nurça bu gezegem saklanyp bilmedi.
– Mugallym, syýadanlary döwen Aňkow däl-de Akmaral. Ýöne Aňkow men etdim diýäýdi…
Soň bu waka obamyzda uly gürrüň boldy….

***

Garyň aşagyndaky maýsanyň Günüň nuryna öwşün atyşy ýaly, Akmaral barha şöhle saçýardy. Men oň jemalyny görüp, dessanlardaky Zöhre-de, Leýlem, Şasenemem edil şu zeýilli owadan bolandyr. Onsoň şo owadanlygy ýüregine sygdyryp bilmän kimdir biri kitap ýazandyr öýdýärdim. Sebäp indi obamyzyň adamlaram Akmaral bir ýere barýan bolsa işlerini goýup oňa seredýärdiler. Hemem ony görenler bişeýkel – şowsuz günleriň iň soňkusyny başlaryndan geçirýän ýaly begenýärdiler. Akmaralam adamlaryň gaty köp wagtdan bäri garaşyp ýören zadyny ýany bilen alyp gelýän ýaly, buýsanjaňlyk bilen gaşlaryny gerýärdi. Bu zatlary görüp synlamak gowydy. Şeýle gyzyň obamyzda barlygy hasam gowydy.
Biz şeýle günleriň şaýady bolup ýaşap ýördük. Men entek oňa söýgi hakynda hiç zat agzamokdym. Bir gün bolsa ol öz-özünden açyldy duryberdi. Biz mekdepden çykyp gelýärkäk ol şeýle diýdi.
– Aňkow, obamyzyň ikimiz hakda nähili gürrüň edýändiklerinden seň habaryň barmy?
Men sesimi çykarmadym. Akmaral ýene gürledi.
– Hamana biz biri-birimizi gowy görýärmişik…
Men ondan aňryk saklanyp bilmedim.
– Birden bu gürrüň ugruna bolaýsa, eneň-ataň seni maňa berjek diýseler sen razy bolarmyň?

Akmaral ilki gürlemedi. Soňam ýuwaşa, ýöne düşnükli edip şeýle sözleri agzyndan çykardy.
– Göwnüme-de bolsa bilemok weli, bar zat ownap barýan ýaly… Ýöne söýgi bir ownamasady…
Soňam ol ýyljyraklap birden keýerjekläp şadyýan görnüşe geçdi.
– Sen onsoň näme diýsem edermiň?
– ..
Akmaral ak çägäniň ýüzünde köwşi bilen tegelek çyzyk çyzdy-da, zordan pyňkyrman gürledi.
– Onda tä men gelýänçäm şu çyzykdan çykman dur. Özem ýeke aýakda…
– Aýagyňy çalşyrsaň bolýamy?..
Ol gülli.
– Bolýa…
Ol şeý diýip gitdi. Men çyzygyň içine girip ýeke aýakda durdym. Akmaral gidip barşyna mahal-mahal yzyna garaýardy. Hemem gülýärdi. Men şeýdip sag aýagym ýadasa çep aýagyma geçirýän, çep aýagym ýadasa sag aýagyma çalşyp iňrik mazaly garalýança durdum.
Tomus güni her kim daşarda biş-düşüni taýýarlaýardy. Beýleräginde Aýjemal daýza bilen Oguljahan daýzanyň gürrüňlleri maňa aýyl-saýyl eşdilip durdy.
– Häliden bäri o gazarlyp duran kim gyz? – diýip, olaryň biri gürledi.
– Aňkow öýdýän- diýip, ikinjisi jogap berdi.
– Näme ýene kellesinden tutdymyka?
– Şeýle öýdýän, haramyň keseli neressäme hezil berjek däl-dä…
– Ýaş başyndan bir derde uçurady-da, neresse…
Soň daşymy kinniwanja gyzlardyr ýaşajyk oglanlar gurşap ally. Olar meň ýeke aýakda durşuma begenşip hümer bollular.
– Eý Aňkow, nämüçin ýeke aýakda dursuň?
– Bi daşyňa aýlanan çyzyk näme?
– Aňkaw, çyzygy bassan bolýamy, seni elläp göräýeýin!
– Elläý…
“Elläý diýdi” diýip, ojagaz oglan töweregindäki çagalara ýüzlendi. Meň daşym ala-goh bolly.
– Menem elläp göräýeýin…

– Ýene bir gezek elläýeýin…
– Eý, edil kinolardaky ýaly…
Men geplemän durdum. Dogry ýadaýardymam. Ýöne Akmarala beren sözümiň üstünde durjak bolup mertlik edýärdim. Şol wagtam Gülsün ejäniň sesi eşidildi.
– Aýu çagalar, biziň Aňkowmyzy görmediňizmi?!
Oglanjyklar “ine-de, ine” bolşup, maňa barmaklaryny uzatdylar. Gülsün eje meni görüp nebsiagyrjy gürledi.
– Näme ýene kelläňden tutýamy? Ýeke aýakda durmaň näme? Ýör öýe!
Men başymy ýaýkadym.
– ..
– Näme üçin?
– Akmaral tä men gelýänçäm şü tegelek çyzykdan çykma diýdi…
– Näme o-da sen ýaly kelesaňmy?
Men sesimi çykarmadym.
– Ýör öýe gideli…
Men başymy ýaýkadym.
– Men gidip biljek däl…
Bu obamyza uly gürrüň bolly. Akmaral meni görüp aglamjyrady.
– Wah Aňkow, sen hakyky “aňkow” ekeniň. Men-ä bälçiräp şeý diýdim… Sen bolsa… Wah, belaň körügi özümden-de…

***

Biz mekdebi gutardyk. Men obamyzda Ýazmyrat agaň ýanyna ýük düşürji bolup işe durdum. Indi her gün şulha düşürýärdim, kepek ýükleýärdim. Bir gün üsti- başym ala-tozan edip öýe gelýärkäm öňümden Taýmaz mugallym çykdy.
– Aňkow, sen edebiýat ugrundan okuwa gidäýseň bolmadymy?
– Men ýaýdanjyradym.
– Ol okuwlara gitjek bolsaň güýçli kelläň gerek diýýärler-ä.
– Onyň-a şeýle… Ýöne sen menden üçlük alanam bolsaň, araky gazete çykan hekaýaňy gowy gördüm…
– Üpük goja “Edebiýatyň boýnunda öňem kän adam otyr, sen bir oňa ýük bolma” diýýä.
– Olam-a şeýle…

Şeýle günleriň birinde Akmaral bilen edebiýatyň gürrüňi bolly.
– Aňkow, sen inni şeýdip şulha düşürip geziberjekmi?
– Başga näme edeýin?..
– Araky radioda berlen hekaýaňy men-ä gowy gördüm. Gowy ýazylypdyr diýenler başgada köp…
– Hekaýa gowy däl, ýöne ony okaýan adam gowy gürlänsoň ol gowy ýaly bolup görünýär…
– Onda araky žurnala çykan hekaýaň näme? Olam gowy dälmi? Gowy bolmasa çykarmazdylar-a…
– Žurnala kän hekaýa gerek bolansoň käte meňki ýaly gowşagrak hekaýalaram berläýýä.

***

Şeýle günleriň birinde bilmedim oýun edýämi ýa çyny bilenmi Gülsün eje meni öýermegiň gürrüňini etdi. Men şonda utanybyrak şeý diýdim.
– Akmarallara baraýyň…
Gülsün eje bada-bat sözümi bölli.
– Ýok bolmaz… Biz olar bilen deň däl. Olar barjamly adamlar. Biz bolsa…
Men eger pukara diýip bermeseler alyp gaşjagymy aýtdym. Gülsün eje hasam ör-gökden gelli.
– Bir obada alagöz bolup ýaşap bolmaz, onsoňam sen ýekesiň, olar bolsa köplük…
Men şu gürrüňlerden soň Akmarala ene-atasynyň pukara diýip bermejegini aýdyp, diňe ýekeje ýoluň bardygyny – gaçmak meselesini gepleşdim. Ýöne Gülsün ejäniň öňümde örboýuna galyp durmagy bar zady puja çykardy.
Şeýle bolanda köplenç gyz ähdini bozýardy. Ýöne bu gezek men – erkek oglan ähdimi bozdum. Şol wagtlar men kelebiň ujuny ymykly ýitiripdim. Durmuş bilen göreşmäge ejizdim. Sebäp iş şeýle bolansoň ap-aňsat çözäýmeli mesele däldi. Gülsün ejäniň nebsagyryjy gözlerimi ýa Akmaralyň naçar gözlerimi – tereziniň haýsy tarapynyň agyrdygyny bilmeýärdim. Obanyň sylanýan adamsynda geçmelimi ýa-da gyzdan, ikisem üstünden ätläp geçer ýaly däldi.

Ýöne men özümiň namartlandygymy, onda-da gaty namartlandygymy aňkawam bolsam bilýärdim. Şonuň üçin häliden bäri aýagyma süýkenip duran Baltagada-da üns beremokdym. Şeýdibem men Gülsün ejäniň göwnüni ýykmajak bolup öz göwnümi ýykdym. Wah, men owarram-la, esasy gyzyň göwni ýykyldy. Şeýdibem men Gülsün ejäni närza etmejek bolup, Akmaraly narza etdim.
Şeýdibem men Gülsün ejä dözmän, ömrümde bir gezek söýen sögülime dözdüm.
Şondan soň gyzy sähel wagt geçmänkä goňşy oba durmuşa çykardylar. Şonda men Akmaralyň kürtäniň aşagynda aglap otyr diýen habaryny eşidemde, tas özümem uly ilim bilen möňňüripdim.
Şol gün agşam – Akmarala nika gyýlan gijesi goňşymyz kör gyjakçy Enebeýigiň üstüne çykyp uzakly gün zaryn owaz etdi. Sebäp olam öň söýgi ýodasyndan ýöräp gören adamdy. Şonuň ýalam ýarlyksyz pukarady.
Şol gün şu günki gün ýaly hakydamdan çykanok. Ilki sähralykdan däliniň gülküsi ýaly aýylganç ses eşdildi. Soňam gyjagyň sesi pessaýlap ugrady.
Şo sazy – “Pukara aglary” kör gyjakçy şol güne taýýarlan ýaly ilkinji ýola çaldy.

***

Şol günden soň Gülsün eje meni öýermegiň çynlakaý kül-küne düşdi. Ýöne öýereýin diýeniň bilen lyp gaýdybermeli gyz ýokdy. Kim-ä sypaýyçylyk edip “Gyzymyz heniz ýaş” diýýädi, kimem “Entek biz gyz çykarmakçy däl” diýip sypaýyçylyk edýädi. Has gepe batyrlar bolsa “Siziň o Aňkawyňyz o kitaplar bilen başagaý bolup ýörşüne nädip maşgala eklär” diýlen sözi orta atýardy. Olaňkam dogrudy, men henizem kitaplardan aýrylyşyp bilemokdym.
Şu sözlerden soň Gülsün eje lapykeç bolup öýe gelerdi. Meniň birzatlar ýazyp, ýa kitap okap oturanymy görübem başyny ýaýkardy. Men şonda Gülsün ejä nebsim agyrýardy. Ýöne başgaçada bolup bilmokdym.
Şeýdip günler geçip durdy. Bir gün Gülsün eje gaýraky obalaryň

birine gidip begençli gelli. Mahlasy gyz çykarjak öý razy bolupdyr. Ýöne öýlenjek ýigidi göräýsek diýipdirler.
Diýlen güni iki sany gartmaç aýal ilki daşy täze saman suwag bilen suwalan tamkepbämizi synlady. Soňam daşyrakdan meni synladylar. Mahlasy oňlan bolarly. Ýöne munça bolanyna görä hany giýew boljak ýigit bir zatlar gürlesin, sözünem bir diňläli diýipdirler. Gülsün eje ýuwaşlyk bilen ony maňa duýdurdy. Özem begenýär. Men olara golaýlanymdansalam-seliksiz şeýle sözleri agzymdan çykardym.
– Nätseňizem, ertirden soň-a birigün bolar…
Aýallar geň galyp biri-biriniň ýüzüne seredişdiler. Soňam turmak bilen boldular. Gidip barýarkalaram ýüz görmän şeý diýdiler.
– Giýew boljak ýigide aňkow diýýärdiler weli ýeke bir aňkowam däl eken…
Baý şonda Gülsün eje gynan-da. Ömründe etmeýän zadyny edip maňa mazalyja igendi.
– Geçi diý, goýun diý, düýe diý, köşek diý, ýeri saňa ertirden soň birgüniň boljaklygyny aýtmak nämä gerek?
Men özümi aklamaga çalyşdym.
– Men näme ýalňyş aýtdymmy. Hemmeler ertiden soň birigün bolýar diýýäler.
Gülsün eje soň zat geplemedi. Oňa derek obamyzyň adamlary meni gören ýerlerinde ýylgyryp şeý diýýärdiler.
– Ýeri-how Aňkow, ertirden soň haýsy gün bolýa?
Gülsün eje obamyzdaky gulpagyny daraýan gyzlaryň hemmesiniň gapysyny kakyp çykdy. Ýöne hoş söz beren bolmady. Muňa men erkek oglan hökmünde özümiň obamyzda geçmeýändigime gynandym. Bi meniň ilkinji hem iň soňy gynanjym bolupdy. Ýöne oňa derek goňşy obadan bir gyzyň edebiýaty gowy görýänligini eşidip begendim. Soň şol diýilýän oba Gülsün ejäni ugratmazdan özüm gitdim. Sebäp gyz edebiýata düşünýän bolsa, maňada düşüner.
Men gürrüňi şundan başladym. Gyzyň ady Jerendi.
– Jeren, sen ýalňyzkaň Alla saňa kömek edýär. Menem ýalňyz. Ol maňa-da kömek edýär. Eger biz birleşsek Allanyň işini azajygam bolsa ýeňledip bilerdik. Şeýle etsek ol, herimize aýratyn kömek etjek bolman, ikimize-de birden kömek ederdi.

Gyz azajyk pikirlenip şeý diýdi.
– Allanyň ady orta düşensoň, indi meň gitjek ýerim bamy näme. Kysmatymdakyny görübererin-dä….
Men begençli ýaly bolup oba gaýtdym. Obamyzyň adamlary gyz bilen näme gürrüň edenimi soradylar. Men bar zady bolşy-bolşy ýaly aýdamda, olar ýene hezil edip gülüşdiler. Gülküniň arasynda-da biri-birine şeý diýişýärdiler.
– Olar Allanyň işini ýeňletmek üçin barlyşypdyrlar. Toýda kör gyjakçy ýene “Pukaramy” çally.
Oguljeren horja kibti gysyjak gyzdy. Görk-görmekdenem gaty daşdady. Ýöne oň mylaýym ýylgyran mahaly, dünýäniň ähli gözelligi gyzyň kinniwanja ýüzünde jemlenýärdi. Şonuň üçin men oňa nebsim agyryp gowy görýärdim. Inni ol ilkinji okyjyma öwrüldi.
Bir gün ol täze ýazan hekaýamy okap şeý diýdi.
– Öwekge, seni obamyzam gowy görýä, ýazýan hekaýalaňňam. Ýöne azajyk pulumyzam bolaýsa…
Men ýük düşüriji bolup işlämsoň aýlygym beýle bir uly däldi. Ýöne kem zadymam ýokdy.
– Alla adama iki zady birden bermeýär. Baýlyk berse zehin bermeýä, zehin berse baýlyk…
Oguljeren ýuwaşja gepledi.
– Olam-a şeýle…
Men ony öýkeletmejek, närza etmejek bolup çalyşýardym. Ýöne o diýeniňem bolmaýardy. Bir gezek ol şähere gitjek bolmda bolanja pulymyzy elime tutdyryp şeý diýdi.
– Aňkow, daşy kagyzsyz gyzylja süýj bilen çaý bilen içer ýaly ak köke getirsene…
Güwläp duran bazarda her kim harydyny geçirjek bolup gygyrýardy. Ýöne bir gyrada çugutdyryp oturan garraja ene sesini çykarman, ýadaw dünýäniň ýüzüne seredip otyrdy. Öňünde-de gaty köp oklany daşyndan bildirip duran ýekeje kitap ýatyrdy.
Meniň gözüm ölmez-ýitmez “Myssyry” poýemasyna düşdi. Men sesimi çykarman diýlen pula ktaby satyn aldym. Şo pursat enäniň ýanynda oturan gyzjagazyň şeýle diýenini eşidip gallym.
– Eje, ol azajyk gymmadyrak aýdanam bolsaň alardy…

Ak kökedir gyzylja süýjüň deregine, daşy köneje kitaby eline tutduramda, Oguljeren görgüli pessaý sesi bilen şeý diýdi.
– Aňkow, men saňa näme diýsemkäm…

***

Haçan-da ýetmişinji ýylyň gary depäme sepelände-de men entegem ellinji bahary başdan geçirýän zenanyň dünýä howlugyp topulşy ýaly kitaba topulýardym. Şeýle günleriň birinde Oguljeren daş işikden gygyrdy.
– Aňkow, daşarda bir owadan maşgala seni soraýar…
Daşaryk çyksam gören zadyma ynanmadym. Öňümde Akmaral – meniň gyz söýgüsine ikilik eden ilkinji söýgülim dur. Owadan gözleri öňküligine galypdyr. Ýöne ol bir wagtky çagaňky ýaly aýdyň gözler däl-de, içi ýangyndan doly gözlerdi.
Bir döwürler jandan eziz, şondan mährem bolmadyk gözlere häzir seretmäge gaýratym çatanokdy. Sebäp men şo gözleriň öňünde göni biwepalyk edipdim. Şol çeşmäniň dury suwundan içen keýigiň gözi ýaly dury gözleriň bulanmagyna başga hiç kim däl, özüm günäkärdim.
Akmaral sypaýçylyk edip saglyk-amanlyk soraşdy-da, hamana bir wagtky köýen aryny almak üçin ýörüte gelen ýaly şeý diýdi.
– Aňkow, seň ýazan zatlaryňy biri-biriniň yzyna tirkeseň ol obamyzdan şähere durman ýetjek diýýärler. Hat-da, seň ýazan hekaýalaryňy radioda-da berýärmişler. Sen näme üçin şeýle köp zat ýazsaňam ýaşlygymyz hakda, öten günler hakda, obamyz hakda hiç zat ýazaňok?..
Ýöne ol söýgümiz hakynda diýmedi.
Akmaralyň sözleri ýeňsämden däl-de, göni ýüregimden hanjar urlan ýaly etdi. Men näme gürlejegimi bilmän gümmi-sümmi etdim.
– Men ilemeňzeş hekaýa ýazyp bilemo-ga…
– Näme, durmuşda biwepalyk edilişi ýaly, edebiýata-da biuwepalyk edilýämi?
– Ýazsam okarlarmyka?..
Meň şeý diýmegimiň sebäbi bardy. Çyn okyjylar eline galam alanlary tanap, ikä bölýärdiler – ýazyp bilýänler hemem ýazyp

bilmeýänler.
Meňem şol ýazyp bilmeýänleriň ýokary başynda öňüräkden bäri adym sallanyp durdy. Onsoň ýene “şo ýazypmaý” diýerler öýdýärdim
Akmaral ýene bir wagtky owadan gözlerini aýlady. Ýöne ol geplemedi. Ýöne oňa derek onuň gözleri gepleýärdi.
– Sen näme meni allaýşyň ýaly edebiýatam allap ýörmüň?..
Ol şeý diýip gitdi. Men entegem gürlemän durdum. Asla geplemek nämä gerek? Adam durmuşda öz müýnüni bilse geplemese-de bar zat aýan ahyry.
Aýalymyň pyşyrdysy özüme getirdi.
– Nähili owadan maşgala eken. Ýöne gözleri gamly. Şü ýerlimi?
– Bile okapdyk.
– Näme gowy gören oglany almadymy?
Sesimi çykarmadym…
– Kä oglanlar şeýle-dä, gyzyň ýüregini otlap, soňam hiç zat bolmadyk ýaly gezip ýör. Menem Aňkow, dogrymy aýtsam ilki senem şeýdersiň öýdüp gorkupdym. Ýöne sen mert ekeniň. Biwepalyk etmediň…
Men bütünleýin aljyrap, elimi kelläme ýetiremde aýalym howsala bilen gepledi.
– Näme, ýene kelläňden tutdumy?…

Öwezmyrat ÝERBENDI Hekaýalar